Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

№5 (55) 2023-nji ýylyň 19-njy fewraly

## THE IMPORTANCE OF FRIENDSHIP

***Under the leadership of the President of Turkmenistan every day of our country is full of festivities and remarkable events. With the beginning of the year "Happy Youth with Arkadag Serdar" our country is making great progress in all spheres of life - political, economic, scientific, educational, cultural, healthcare and etc. Particularly, the foreign political system is highly developed and reaches a new level.***

Establishing friendly relations with all countries of the world, raising relations with international organizations to a high level, as well as developing parliamentary relations, are the main directions of the country's foreign policy. Turkmenistan has established diplomatic relations with more than 150 countries of the world also trade, economic relations with more than 100 countries.

As is known, by the Decree of the President of Turkmenistan signed in 2009, the professional holiday of this service, the Day of Diplomatic Workers of Turkmenistan is celebrated annually on February 18.



The role of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan in training international specialists who will work in the diplomatic service of our country is very important. On September 1, 2017, the opening of the Scientific and Methodological center on Sustainable Development Goals at the Institute has a

2



*Syýasy teswir*

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

***14-nji fewralda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde «Geljegiň hökümetlerini kemala getirmek» şygary bilen Bütindünýä hökümet sammiti geçirildi. Sammitde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Daşary işler ministri R.Meredow ýurdumyza wekilçilik etdi. Wisepremýer saparyň barşynda birnäçe ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirdi. Duşuşygyň jemleri boýunça Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Hökümetiniň arasynda döwletiň ösüşi we döwrebaplaşdyrylmagy babatda tejribe alyşmak barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.***

14-nji fewralda Daşary işler ministri Raşid Meredow Eýran Yslam Respublikasynyň medeniýet we yslam ugrukdyryş ministri Mohammad Mahdi Esmaýil bilen duşuşyk geçirdi. Duşuşygyň barşynda hormatly Prezidentimiziň geçen ýylyň iýun aýynda Eýrana amala aşyran resmi saparynyň ähmiýeti bellenilip geçildi. Ol saparyň dowamynda ylym-bilim gatnaşyklaryny işjeňleşdirmek hem-de medeniýet we sungat ulgamynda özara gatnaşyklaryna itergi berýän birnäçe resminamalara gol çekildi.

15-nji fewralda hormatly Prezidentimiz «Gazprom» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň müdiriýetiniň başlygy Alekseý Milleri kabul etdi. Hormatly Prezidentimiz «Gazprom» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň müdiriýetiniň başlygy Alekseý Milleriň ýurdumyza şu gezekki saparynyň ýangyç-energetika toplumyndaky netijeli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna, umuman, köpugurly türkmen-rus gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de giňeldilmegine ýardam berjekdigini belledi.

17-nji fewralda hormatly Prezidentimiz sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda käbir resminamalaryň taslamalaryna garaldy we birnäçe möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Mejlisiň dowamynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Daşary işler ministri Raşid Meredow ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň ähli işgärleriniň adyndan hormatly Prezidentimizi her

2




## Состоялась познавательная встреча с Послом

15 февраля 2023 года в Институте международных отношений МИД Туркменистана состоялась встреча с назначенным Послом Республики Куба в Туркменистане (с резиденцией в Баку) Карлосом Энрике Вальдесом де ла Консепсьона, прибывшим в Ашхабад с рабочим визитом. Во встрече приняли участие преподаватели и студенческая молодежь высшей национальной школы туркменской



дипломатии, Международного университета гуманитарных наук и развития, Туркменского национального института мировых языков им. Довлетмаммета Азади.

## Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgär hödürlendi

2023-nji ýylyň 16-njy fewralynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda 2023-nji ýylyň 26-njy martynda geçiriljek Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher Halk Maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrabynyň 1-nji «Garaşsyzlyk» saýlaw okrugy boýunça dalaşgäri hödürlemek bilen bagly maslahat geçirildi. Maslahata Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň iş dolandyryjysy Kasymguly Gulmyradowiç Babaýew, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň, Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrap häkimliginiň jogapkär wekilleri, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň professor-mugallymlary, Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrabynyň 1-nji «Garaşsyzlyk» okrug saýlaw toparynyň we onuň düzümine girýän uçastok saýlaw toparlarynyň agzalary gatnaşdylar.

*«Ýaş diplomatyň sesi».*

# THE IMPORTANCE OF FRIENDSHIP

1

great role in the implementation of the Sustainable Development Agenda until 2030, as well as in carrying out scientific and methodological work. By the Decree of the President of Turkmenistan on July 9, 2021, the Scientific center for strategic research and the school of Young Diplomats were opened at the Institute.





The international scientific conference "Dialogue as a Guarantee of Peace" dedicated to the Day of Diplomatic Workers of Turkmenistan was held traditionally on February 18, 2023 at the national school of Turkmen diplomacy. An awarding ceremony of the young specialists as well as the graduate students of the institute with the Diplomas of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan has become a tradition. A festive concert prepared by the students of the institute in honor of this professional holiday concluded the ceremony.

In conclusion, I would like to wish our esteemed President, the National Leader of Turkmen people long life and great success in their endeavors aimed at peace, stability, friendship and goodwill in the world.

***Altyn BABYSHOVA,***
***the 2nd year student of the Faculty of International Law.***

# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

1

ýylyň 18-nji fewralynda bellenilýän Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni bilen tüýs ýürekden gutlady we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi. Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Daşary işler ministri Türkmenistanyň wekiliýetiniň 13-nji fewralda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde geçirilen Bütindünýä hökümet sammitine gatnaşmagynyň netijeleri barada hasabat berdi.

17-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary Alekseý Owerçugy kabul etdi. Myhman ikiçäk duşuşykda hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallygyny bildirdi. Duşuşygyň dowamynda strategik hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan we ähli ugurlar boýunça üstünlikli ösdürilýän döwletara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary boýunça pikir alşyldy.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň diplomatik işgärlerini her ýyl giňden bellenilýän 18-nji fewral — Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni mynasybetli tüýs ýürekden Gutlagyny iberdi. Gutlagda ýurdumyzyň milli bähbitlerini hemmetaraplaýyn goramakda we halkara gatnaşyklar ulgamyndaky belent abraýyny artdyrmakda döwletimiziň diplomatik gullugynyň öňde goýlan möhüm wezipeleri ýokary derejede ýerine ýetirjekdigine berk ynanýandygyny aýratyn nygtap, gullugyň işgärlerine berk jan saglyk, abadançylyk, döwletimiziň milli bähbitlerini goramak hem-de dünýä derejesindäki abraýyny has-da artdyrmak ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

***«Ýaş diplomatyň sesi».***

BMG we ýaşlar

# ÝURDUMYZYŇ DAŞARY SYÝASATYNDA ÝAŞLARYŇ ORNY

Ýurdumyzyň bedew batly ösüşlerini mundan beýläk hem dowam etmek üçin ýaşlaryň hemmetaraplaýyn ösen, ruhy taýdan sagdyn, işbaşarjaň bolup ýetişmekleri möhümdir. Häzirki wagtda jemgyýetimiziň geljegi bolan ýaşlara ähli taraplaýyn goldaw berilýär. Ata-babalarymyzdan miras galan däp-dessurlarymyzyň esasynda mynasyp nesli terbiýeläp ýetişdirmek hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Ýaşlarda mukaddes Watana, onuň gaýtalanmajak tebigatyna söýgi, dost-doganlyk gatnaşyklaryna, maşgala gymmatlyklaryna, zähmete, sagdyn durmuş ýörelgelerine ygrarlylygy terbiýelemeklige aýratyn üns berilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň uzak asyrlaryň dowamynda toplan baý durmuş tejribesine, häzirki zaman medeniýetiniň gazananlaryna daýanylyp, türkmen ýaşlarynyň bilim, ylym, medeni we ruhy-ahlak taýdan sazlaşykly ösmegine giň mümkinçilikler döredilýär.

2022-nji ýylda «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşiniň kabul edilmegi bu ugurda möhüm ädimleriň biri boldy. Bu kadalaşdyryjy hukuk namasy Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň hukuk esaslaryny, maksatlaryny, wezipelerini, ýörelgelerini, esasy ugurlaryny, tärlerini kesgitleýär. Bu kanun ýaşlaryň hukuk we durmuş taýdan goraglylygyny, olaryň döwlet syýasatyny, jemgyýetiň ösüş maksatnamalaryny döretmäge hem-de amala aşyrmaga gatnaşmagyny üpjün edýär.

Bilşimiz ýaly, häzirki wagtda Türkmenistan dünýä jemgyýetçiliginiň durmuşyna özüniň asylly başlangyçlary bilen işjeň gatnaşýar. Şu nukdaýnazardan ugur alsak, türkmen ýaşlarynyň döwletimiziň daşary syýasatyny durmuşa geçirmeklige gatnaşmaklary hem aýratyn uly ähmiýete eýedir.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan öňe sürlen Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmekde ilkinji Milli meýletin synyny Guramanyň beýik münberinde türkmen ýaşlarynyň tanyşdyrmagy hasda bellärliklidir. Mundan başga-da, türkmen ýaşlary BMG-niň howandarlygynda geçirilýän birnäçe halkara çärelerine hem işjeň gatnaşýarlar.

Birleşen Milletler Guramasy öz işiniň çäginde dünýä derejesinde ýaşlaryň ornuny berkitmek maksady bilen, degişli hukuk binýadyny döretdi. Muňa ilkinji mysal hökmünde, 1989-njy ýylyň 20-nji noýabrynda kabul edilen Çaga hukuklary hakyndaky Konwensiýany agzamak bolar. Şeýle hem, 1995-nji ýylda geçirilen halkara maslahatda 2000-nji ýyla çenli ýaşlar barada hereketleriň strategiýasyny işläp düzmek boýunça işler alnyp baryldy we şol strategiýanyň çäginde 1999-njy ýylda ýaşlar boýunça ministrleriň ilkinji halkara maslahaty geçirildi. 2015-nji ýylda bolsa BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi ýaşlaryň dünýä tertibini berkitmekde eýeleýän orny baradaky ýörite Rezolýusiýasyny kabul etdi.



2021-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň wekilhanasy Beýik Britaniýanyň Türkmenistandaky ilçihanasy, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi we beýleki hyzmatdaşlar bilen bilelikde Howanyň üýtgemegi boýunça ilkinji ýaşlar maslahatyny geçirdi. Gibrid formatda bolan bu çäre BMG-niň Glazgo şäherinde geçirilen Howanyň üýtgemegi boýunça 26-njy maslahatynyň (COP26) we BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça ýaşlar maslahatynyň (COY16) öňüsyrasynda guraldy. Türkmenistanda geçirilen bu maslahat ýaşlara howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak, howanyň üýtgemegine garşy göreş çärelerini işläp düzmek, şeýle hem, degişli ugurdaky bilimlerini ýokarlandyrmak üçin amatly meýdança öwrüldi. Çärä BMG-niň düzümleriniň wekilleri, döwletimiziň ýokary okuw jaýlarynyň talyplary we beýleki ýaş türkmenistanlylar gatnaşdylar. Maslahatyň dowamynda ýaşlaryň halkara forumlara gatnaşmagyny üpjün etmek, olaryň daşary ýurtlar bilen aragatnaşyk saklamak ukybyny ösdürmek, ýaş nesli tebigaty goramak işine işjeň çekmek bilen bagly birnäçe teklipler hödürlenildi.

Görnüşi ýaly, eziz Diýarymyzda ýaşlara uly ynam bildirilip, olara halkara giňişlikde döwletimize wekilçilik etmek üçin ähli şertler döredilip berilýär. Türkmen ýaşlarynyň jogapkärli wezipelere abraý bilen hötde gelýändikleri guwanarlyk hakykatdyr. Şeýle üstünlikleriň özeninde bolsa türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň ýaşlar üçin döredip berýän giň mümkinçilikleri, ýaş nesliň şol mümkinçiliklere mynasyp bolmak ugrunda edýän irginsiz yhlasy durandyr.

***Kuwwat MÄMMEDOW,***
***Halkara gatnaşyklary fakultetiniň IV ýyl talyby.***

*Diplomacy is fundamentally working with people, bringing people together to deal with difficult issues.* **John Roos**

*Diplomacy is the art of letting someone else have your way.* **Daniele Var**

18-nji fewral — Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni

***Bilşimiz ýaly, Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda Türkmenistan döwletimiz Bitaraplyk derejesine esaslanýan oňyn daşary syýasatyny alyp barýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen diplomatiýasynyň wekilleri dünýäniň ýüzünde ýurdumyzyň milli bähbitlerini goramakda, abraýyny has-da belende götermekde asylly işleri alyp barýarlar. Şunuň bilen baglylykda, döwletimiz tarapyndan türkmen diplomatlarynyň netijeli işlemekleri üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Halypa-şägirtlik ýörelgesiniň esasynda türkmen diplomatiýasynyň sütün halypalarynyň ýaş nesle bu hünäriň inçe syrlaryny öwretmekleri ýola goýulýar.***

# ZEHIN WE ZÄHMET — ÜSTÜNLIGIŇ GÖNEZLIGI



*Şeýle halypalaryň biri-de, türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde ençeme ýyl bäri ýaş diplomatlara tälim berip gelýän Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi, taryh ylymlarynyň doktory, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty, professor **Amangeldi RAHMANOWDYR.** «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda» uly dabara bilen bellenilip geçilen Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni mynasybetli, halypa diplomat* Amangeldi Rahmanowa *«Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşany gowşuryldy. Biz hem «Ýaş diplomatyň sesi» elektron gazetiniň şu sanynda ýokary sylaga mynasyp bolan halypamyzyň ýürek sözüni we ýaş türkmen diplomatlaryna öwüt-ündewlerini okyjylara ýetirmegi müwessa bildik.*

— Ilki bilen, bu sylagy özüme we türkmen diplomatiýasyna döwletimiz we döwlet Baştutanymyz tarapyndan bildirilen uly sarpa, ýokary ynam hasap edýändigimi belläsim gelýär. Biz — diplomatlaryň hünär baýramymyz — Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni mynasybetli, «Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşanynyň gowşurylmagy meni geljekde has önjeýli işlemäge, kämil ýaş diplomatlary taýýarlamakda yhlasly zähmet çekmäge borçlandyrýar. Şu ýerde geljekki diplomatlara käbir sargytlary ýetiresim gelýär. Meniň pikirimçe, islendik çäkde, şol sanda diplomatik çäkde hem şahsyýetiň hakyky üstünlikleriniň esasynda, onuň zähmetsöýerligi, zehini, bilimi we tejribesi ýatýan bolmaly.

Türkmen diplomatiýasynyň uly geljegi bar. Geljekde onuň hiliniň yzygiderli ýokarlanjakdygyna, ýurdumyzyň milli bähbitlerini üpjün etmekde ähmiýetiniň barha artjakdygyna men doly ynanýaryn. Diplomatlara bildirilýän talaplaryň hili hem ýokarlanar, sebäbi hiç bir elektron serişdesi diplomatyň ýerini doly tutup bilmez.

Diplomatiýa — ýlalaşyk gazanmagyň sungaty. Şonuň üçin hem, geljekki türkmen diplomatlary aragatnaşykçy bolmalydyrlar, ynandyrmagy, ylalaşyp bilmegi başarmalydyrlar, öz kärdeşleri bilen kararlary tapmaga ukyply bolmalydyrlar. Geljekki türkmen diplomatlarynyň öz käriniň ussatlary bolan halypalaryň tejribelerini özlerine döredijilikli geçirmekleri hem örän möhümdir. Ozaly bilen, men ýaşlaryň ünsüni hünärini, hakykatdan hem, söýüp saýlap almaklarynyň möhümdigine, şeýle hem, adamlaryň diplomat bolup dogulmaýandyklaryna, olaryň agyr akyl zähmetiniň netijesinde diplomat bolup kemala gelýändiklerine gowy düşünmelidiklerine çekesim gelýär. Geljekki diplomatlaryň öz işiniň ussatlary bolup ýetişmekleri üçin, olaryň dünýäniň we diplomatiýanyň taryhyny gowy öwrenmekleri, ene dilini, şeýle hem, daşary ýurt dilleriniň ençemesini suwara bilmekleri gerekdir. Geljekki diplomatlar alan bilimlerini iş ýüzünde işjeň ulanmasalar we özünde ösdürmeseler, olaryň akyl-paýhasy baýlaşmaz.

Türkmen diplomatlary üçin ýurdumyzyň milli bähbitlerini üpjün etmekden başga möhüm wezipe bolup bilmez. Munuň üçin bolsa olaryň bu wezipäni diňe akylly, usully diplomatiýa arkaly amal edip bolýandygyna düşünmekleri zerurdyr. Diplomatlarymyz Watana hyzmat etmek, şol hyzmata özüniň ähli güýjüni, tejribesini we bilimini bagyş etmek ýaly ýokary ahlak ýörelgelerinden seretmelidir.

***Ýazga geçiren: Ajaýyp NOBATOWA, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***

# DIPLOMATIÝA MEDENIÝETE DAÝANÝAR

## *Halypa diplomat Çary Nyýazow bilen baýramçylyk söhbetdeşligi*

*18-nji fewral — Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň gününde hormatly Prezidentimiziň Karary bilen, «Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşany bilen sylaglanan Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň dosenti, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi, Fransiýa, Hindistan ýaly döwletlerde ýurdumyzyň adyndan ençeme ýyllap wekilçilik eden halypa diplomat* **Çary NYÝAZOW** *bilen taýýarlanan söhbetdeşligi okyjylara ýetirýäris.*

***— Çary Geldiýewiç, sizi Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni hem-de şu dabaraly günde ýokary döwlet sylagyna mynasyp bolmagyňyz bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Beýik ykrar, döwletli dereje nesip etsin!***

— Sag boluň! Bu belent dereje, beýik mertebe biziň çeken zähmetimize berlen ýokary baha, şol bir wagtda hem örän uly jogapkärçilik. Watanymyza, hormatly Prezidentimize ak ýürekden, wepaly gulluk etmek biz — türkmen diplomatlarynyň baş maksady. Bu belent derejä mynasyp bolmak üçin geljekde hem arman-ýadaman yhlasly zähmet çekeris, ukybymyzy-tejribämizi has-da kämilleşdireris.

***— Hormatly Ilçi, bu günki gün ýurdumyzyň daşary syýasat strategiýasy dünýä jemgyýetçiliginde giň goldawa mynasyp bolýar. Bu ugurda türkmen diplomatlarynyň goşandy hakynda gysgaça aýdyp beräýseňiz?!***



— Türkmenistan özüniň üstünlikli durmuşa geçirýän daşary syýasatynda «Ösüş arkaly parahatçylyk» ýörelgäni, «Dialog — parahatçylygyň kepili» filosofiýany öňe sürýär. Milli Liderimiziň başlangyjy bilen gyzgyn goldaw tapan bu ýörelgelere ygrarly diplomat, ozaly bilen, ýurduň bähbitlerini goramaly, dünýä ýurtlary, abraýly halkara guramalar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga çalyşmaly. Bu ugurda diplomatiýanyň inçe tilsimlerinden oňat baş çykarmak hem-de tejribe örän zerurdyr. Türkmen diplomatlarynyň bu işiň hötdesinden gelýändigini uly buýsanç bilen aýtmak isleýärin. Diplomatik gulluklarda kämil tejribe toplan hormatly Prezidentimiziň hut özi bize nusgalyk görelde mekdebi bolup durýar.

***— Diplomatda nähili häsiýetler bolmaly?***



— Diplomatiýa — inçe sungat. Diplomatiýa medeniýete daýanýar. Diýmek, diplomatyň, ilkinji nobatda, söz baýlygy artyk, bilimden ýüki ýetik bolmaly. Söhbetdeşi dymýan bolsa, diplomat şoňa-da düşünmeli. Adam dymybam köp zat hakda «aýdyp» bilýär. Diplomat güýçli syýasatçy, psiholog, pedagog, şeýle hem, maksada okgunly, islendik ýagdaýdan baş alyp çykyp bilýän ugurtapyjy, jogapkärli, daşky görnüşinden özüniň maksadyny aňladyp biljek derejede ýokary medeniýetli bolmaly. Aslynda, türkmen halkynyň häsiýetinde, ýol-ýörelgelerinde diplomatlar üçin zerur bolan häsiýetler sanardan köp.

***— Çary Geldiýewiç, diplomat üçin dil bilmek zerurlygy nähili?***

— Dil bilmek — ilkinji zerurlyk. Dil bilmeýän diplomat suwda ýüzmegi başarmaýan gämiçä çalymdaş. Işe goýlan döwletiň dilinde öz pikirini aýdyp bilýän ilçi, eýýäm 50 göterim üstünlik gazandym diýibermeli. Şeýle bolanda, ol şol döwletiň halkynyň ynamyny, söýgüsini hem gazanyp biler. Özüm rus, iňlis, fransuz dillerini bilýärin. Halkaraçy talyplary hem daşary ýurt dillerini kämil derejede öwrenmeklige, dünýä meşhur ýazyjy-şahyrlaryň eserlerini öz ene dilinde okamaklyga ugrukdyrýaryn.

***— Ýaş diplomatlara berjek maslahatlaryňyz?***

— Halkymyzda ajaýyp nakyl bar: «Ilim-günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn». Bu meniň şygarym. Gahryman Arkadagymyz: «Ynamdyr dünýäň diregi» diýýär. Döwlet diplomatlara öz geljegini ynanýar. Halkaraçy hünärmenlere bildirilýän ynama zähmetiň, ýol-ýörelgäň bilen mynasyp jogap bermelidigini aýdasym gelýär. Watan üçin edilýän yhlas hiç haçan ünsden düşürilmeýär. Esasy zat — iň oňat häsiýetleriňi, tejribäňi Watanyňa bagyş etmeli. Şonda Watan öz ogullarynyň, gyzlarynyň gadyryny bilýändir.

***— Çary Geldiýewiç, beren gyzykly gürrüňleriňiz üçin sag boluň! Maslahatlaryňyzyň ýaş halkaraçylar üçin geljekde diplomatik çelgi boljakdygyna şübhe ýok. Goý, Watana hyzmat etmek bagty size uzak-uzak ýyllar miýesser etsin!***

— Sag boluň!

***Söhbetdeş bolan: Atamyrat ÝAZWELIÝEW, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

*Diplomatiýa — ylalaşyk gazanmagyň sungaty.*
*Amangeldi RAHMANOW*

*Dil bilmeýän diplomat suwda ýüzmegi başarmaýan gämiçä çalymdaş.*
*Çary NYÝAZOW*

# С ЧУВСТВОМ ГОРДОСТИ

**Мердан БАЙДЖАНОВ,
студент V курса факультета международных экономических отношений Института международных отношений МИД Туркменистана**



*18 февраля текущего года дипломатические работники Туркменистана отметили свой профессиональный праздник. По случаю празднества, в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась международная конференция «Диалог – гарантия мира». Тема и наименование мероприятия были определены на основании общемировой инициативы, объявленной Национальным лидером туркменского народа Гурбангулы Бердымухамедовым, как философии межгосударственных взаимоотношений современности. По завершении официальной части мероприятия, выпускникам ИМО МИД Туркменистана были вручены дипломы, а после – прошел праздничный концерт, приуроченный ко Дню дипломатических работников Туркменистана. В этот знаменательный день мне, в числе других студентов выпускного курса, посчастливилось удостоится диплома на сцене родного вуза. Для меня это – большая честь, в тоже время – огромная ответственность. И в ответ на оказанное доверие, я бы хотел заверить в своей готовности оправдать все возложенные на меня ожидания и в будущем привнести вклад в развитие нашей национальной дипломатической службы, Отчизны и общества.*

*Искренне поздравляю отечественный дипломатической корпус с профессиональным праздником и хочу пожелать здоровья, благополучия и больших успехов в ответственной деятельности!*

*Пользуясь случаем, позвольте от всего сердца выразить слова искренней благодарности уважаемому Президенту, Герою-Аркадагу за проявляемую заботу о молодёжи, создании всех условий для получения достойного образования. Также от имени всех студентов выражаю благодарность преподавателям нашего вуза, благодаря которым мы получили бесценные знания и познали тонкости дипломатического искусства.*

*Latchyn KHODJAYEVA, étudiantede 5e année de la faculté de relations internationales de l'institut des relations internationales du ministère des Affaires étrangères du Turkménistan*



*À l'occasion de la journée des diplomats turkmènes célébrée solennellement au niveau de l'État dans l'année qui est proclamée comme l' année de la jeunesse heureuse avec Arkadagly Serdar je voudrais féliciter tous les diplomates du Turkménistan.*

*À l'occasion de cette fête remarquable, j'ai également eu la chance de recevoir un diplôme du ministère des Affaires étrangères du Turkménistan. J'en suis très heureuse. Nous, en tant que futurs spécialistes de la diplomatie turkmène, apporterons une contribution digne au développement de notre pays en travaillant dur dans notre domaine.*

*Je voudrais remercier le Président du Turkménistan, le leader national du peuple turkmène, le ministère des Affaires étrangères du Turkménistan, et bien sûr, tous les enseignants de l' institut des relations internationales du ministère des Affaires étrangères du Turkménistan pour les possibilités créées pour étudier, apprendre et travailler.*

图库慢斯坦外交部国际关系学院的5年级学生,
苏娜　哈丽括娃。



值此土库曼斯坦外交官在州一级隆重庆祝这一年与阿尔卡达格利•塞尔达尔宣布为快乐青年年之际，我想祝贺土库曼斯坦的所有外交官。

在这个意义非凡的假期之际，我也有幸收到了土库曼斯坦外交部颁发的毕业证书。我很高兴。我们作为未来的土库曼外交专家，将通过在我们的领域努力工作，为我们国家的发展做出有价值的贡献。

我要感谢土库曼斯坦总统，土库曼斯坦人民的国家领导人，土库曼斯坦外交部，当然还有土库曼斯坦外交部国际关系学院的所有老师，给我机会创建学习，学习和工作。

*Taýýarlan: Mähri AGAMYRADOWA, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň V ýyl talyby.*

# ЗЕЛЕНЫЙ И ИННОВАЦИОННЫЙ ГОРОД БУДУЩЕГО

Сегодня становится все более очевидным, что качество жизни населения разных регионов страны во многом зависит от состояния окружающей среды. За последние десятилетия отношения между обществом и средой обитания все более обострялись, становясь реальной экологической угрозой. Для предотвращения глобальных и локальных экологических кризисов необходимо изменение техногенного типа развития на устойчивый.

Не принимая во внимание огромное количество спорных вопросов, концепция устойчивого развития уже получила широкое признание как в экономической науке, так и в международной практике. Важным аспектом преобразований в контексте перехода к устойчивому экологически безопасному развитию является внедрение экоинноваций для развития и расширения отечественного рынка экологически чистых товаров и услуг. Производство и продажа экологических товаров и конкурентоспособность в значительной степени зависят от мнения общественности. Сегодня, выходя на международный рынок, каждое промышленное предприятие стремится продемонстрировать экологическую безопасность своего производства и своей продукции. Следовательно, возникает взаимосвязь между устойчивым, экологически безопасным и сбалансированным развитием как отдельных предприятий, так и общества в целом. Вопрос сбалансированного развития общества является достаточно сложным и требует постоянного изучения и поиска эффективных методов рационального его использования. Термин «экоинновации» употребляются в современной научной литературе сравнительно недавно. Как и любые другие изменения, экоинновации имеют свои движущие и сдерживающие силы. Стремительный рост расходов на ликвидацию последствий стихийных бедствий заставит изменять реактивную экологическую политику на превентивную, а следовательно, проактивную на всех уровнях ее реализации. Что касается мирового рынка в целом, то здесь сегмент экологических технологий представляет собой около 1000 млрд евро за год и уже сегодня является важным фактором развития мировой экономики. Исходя из общемировых тенденций, можно выделить следующие перспективные рынки экологических инновационных товаров:

*– производство и накопление энергии;*
*– энергосбережение;*
*– экономное использование сырья и материалов;*
*– экологичность транспорта;*
*– рациональное использование водных ресурсов;*
*– биопластмассы и полимеры;*
*– применение безотходных и малоотходных технологий;*
*– солнечное охлаждение.*

Внедрение экологических инноваций связано с научно-техническим прогрессом, который ведет к качественным улучшениям в организации производства в обществе и обеспечивает увеличение экономического, социального или экологического эффекта. Учитывая особенности нынешнего времени и тенденции глобализации жизни населения, необходимо заниматься поиском путей экономического развития, которые бы ориентировались на современные особенности переходного периода к либерально-рыночной экономике и вхождению в международные структуры. При таком подходе экологизация всех сфер человеческой жизни должна проводиться с внедрением экологических инноваций, в том числе и на промышленных предприятиях. Такой подход будет объединять сбалансированное развитие общества и бизнеса. Инновации, которые внедряются в хозяйственную практику, являются процессом трансформации научных достижений в производство, которое повышает конкурентоспособность субъектов предпринимательской деятельности.

Мы знаем, что умные и экогорода должны быть компактнее и меньше, отдавая больше места для природы, животных, деревьев. Если наши смарт-совместимые города маленькие и плотные, то с этой точки зрения мы живем ближе к антеннам вышек и получаем больше излучения. Мы нашли решение этих проблем – «Фольга». Мы используем фольгу, чтобы сделать обои, которые покрывают все стены нашего дома, а когда мы начинаем строить наши города, мы должны использовать обои из фольги.

В заключение мы подготовили наш модельный город, который является более безопасным, экономичным, удобным, инновационным, умным, устойчивым и чистым, чем любой другой город в мире, который думает лучше, чем наш город. Мы предлагаем вам ключ к будущему, спасению человечества и природы одновременно. И это будет честью для нас быть частью будущего города.

***Сульгун НЕПЕСОВА,
преподаватель ИМО МИД Туркменистана.***

***Если вы говорите с человеком на языке, который он понимает, вы обращаетесь к его уму. Если вы говорите с ним на его родном языке, вы обращаетесь к его сердцу.***
**Нельсон Мандела**

***Экономика — это наука (а зачастую — и искусство) распоряжения ограниченными ресурсами.***
**Анатолий Вассерман**

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Baş redaktor
**Aýnabat NAZAROWA**

**Baş redaktoryň orunbasarlary:** M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
**Jogapkär kätip:** B.Garaýew.
**Jogapkär kätibiň orunbasary:** A.Kaşaňow.
**Kätip:** A.Nobatowa.
**Bölüm müdiri:** A.Ýazweliýew.
**Edebi işgärler:** J.Öwezowa, A.Atajykowa.
**Fotohabarçy:** T.Myratlyýew.
**Korrektorlar:** G.Egirjäýewa, A.Döwletowa.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, W.Kadyrow, R.Bäşimow, B.Saryýew, T.Gutlyýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, T.Döwletowa, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

**Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda hem-de iirmfa.nesil.edu.tm sanly bilim portalynda ýerleşdirilýär.**

**Email:**
yashdiplomathgi@gmail.com